Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministriniň
2025-nji ýylyň 21-nji fewralynda çykaran 35-Ö belgili
**B U Ý R U G Y**

**«Aw baýlyklaryna gözegçiligi alyp barmagyň tertibini tassyklamak hakynda»**

2021-nji ýylyň 18-nji dekabrynda kabul edilen «Aw awlamak we aw baýlyklaryny goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 7-nji maddasynyň 8-nji bendine we «Aýratyn goralýan tebigy ýerler hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň talaplaryny ýerine ýetirmek maksady bilen, **buýurýaryn**:

1. Aw baýlyklaryna gözegçiligi alyp barmagyň tertibini tassyklamaly (goşulýar).
2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine gözegçiligi ministriň orunbasaryna tabşyrmaly.

**Ministr** **Ç.Babanyýazow**

Türkmenistanyň Daşky gurşawy
goramak ministriniň
2025-nji ýylyň 21-nji fewralynda
çykaran 35-Ö belgili buýrugy bilen
tassyklandy

## Aw baýlyklaryna gözegçiligi alyp barmagyň tertibi

### I bap. Umumy düzgünler

1. Şu aw baýlyklaryna gözegçiligi alyp barmagyň tertibi (mundan beýläk - Tertip) «Aw awlamak we aw baýlyklaryny goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 7-nji maddasynyň 8-nji bendine we «Aýratyn goralýan tebigy ýerler hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 19-njy maddasyna laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy we Türkmenistanyň çäginde aw baýlyklaryna, şol sanda aýratyn goralýan tebigy ýerlerde gözegçiligi alyp barmagyň tertibini, aw baýlyklarynyň ýagdaýynyň we aw obýektleriniň ýaşaýyş gurşawlarynyň üýtgemelerini öz wagtynda ýüze çykarmak, olara baha bermek, şeýle hem ýaramaz hadysalaryň we olaryň zyýanly netijeleriniň öňüni almak hem-de aradan aýyrmak boýunça aw baýlyklaryna geçirilýän gözegçilik işlerini kesgitleýär.

2. Şu Tertipde «Aw awlamak we aw baýlyklaryny goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda (mundan beýläk - Kanun) kesgitlenen düşünjeler ulanylýar.

3. Aw baýlyklaryna gözegçilik - aw baýlyklarynyň we aw obýektleriniň ýaýramagyna, sanyna, fiziki ýagdaýyna, jyns we ýaş aýratynlygyna, şeýle hem haýwanlaryň ol ýa-da beýleki görnüşleriniň köpelmeginiň ýagdaýyna, ýaşaýyş gurşawynyň meýdanyna we hiline yzygiderli gözegçilik we barlag ulgamyny öz içine alýar.

4. Şu Tertibiň talaplarynyň eýeçiliginiň görnüşine garamazdan aw awlamak we aw baýlyklaryny goramak, olary dikeltmek, üznüksiz köpeltmek we gözegçilik etmek bilen meşgullanýan ähli ýuridik we fiziki şahslar tarapyndan ýerine ýetirilmegi hökmanydyr.

## II bap. Aw baýlyklaryna gözegçilik

5. Aw baýlyklaryna döwlet gözegçiligi - Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi (mundan beýläk - ygtyýarlandyrylan edara), ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary, Geňeşler we beýleki degişli ygtyýarly döwlet edaralary tarapyndan, pudaklaýyn gözegçilik - Türkmenistanyň Awçylarynyň we balykçylarynyň birleşen jemgyýeti (mundan beýläk - Awçylar jemgyýeti) tarapyndan özlerine berkidilen aw meýdanlarynda we aw hojalyklarynda aw meýdanlaryndan peýdalanyjylar hem-de aw hojalyklaryny ýöredijiler tarapyndan amala aşyrylýar.

6. Awçylar jemgyýeti tarapyndan aw baýylyklaryna gözegçilik Kanunyň talaplarynyň berjaý edilişine jemgyýetçilik gözegçiligini amala aşyrmagynyň tertibini, Awçylar jemgyýetiniň gözegçileriniň ygtyýarlyklaryny, borçlaryny we hukuklaryny kesgitleýän Awçylar jemgyýetiniň Tertipnamasyna laýyklykda alnyp barylýar.

7. Aw baýlyklaryna gözegçilik alnyp barlan mahalynda aw gurallarynyň ulanylyşyna gözegçiligiň edilmegi ygtyýarlandyrylan edara, Awçylar jemgyýeti bilen bilelikde Türkmenistanyň içeri işler edaralary tarapyndan öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde amala aşyrylýar.

8. Aw meýdanlarynda Kanunyň düzgünleriniň berjaý edilişine gös-göni gözegçiligi ygtyýarlandyrylan edaranyň wezipeli adamlary (mundan beýläk - döwlet gözegçileri) tarapyndan amala aşyrylýar. Döwlet gözegçileriniň hukuklary we ygtyýarlyklary Kanunda kesgitlenýär.

## III bap. Aw baýlyklarynyň we aw obýektleriniň ýaýramagyna, sanyna, fiziki ýagdaýyna, jyns we ýaş aýratynlygyna, şeýle hem haýwanlaryň ol ýa-da beýleki görnüşleriniň köpelmeginiň ýagdaýyna, ýaşaýyş gurşawynyň meýdanyna we hiline yzygiderli gözegçilik etmek

9. Aw baýlyklarynyň we aw obýektleriniň ýaýramagyna, sanyna, fiziki ýagdaýyna, jyns we ýaş aýratynlygyna, şeýle hem haýwanlaryň ol ýa-da beýleki görnüşleriniň köpelmeginiň ýagdaýyna, ýaşaýyş gurşawynyň meýdanyna we hiline yzygiderli gözegçilik etmek we barlag geçirmek (mundan beýläk -

gözegçilik etmek we barlag geçirmek) döwlet gözegçileri tarapyndan, şeýle hem ygtyýarlandyrylan edaranyň Çöller, ösümlik we haýwanat dünýäsi milli institutynyň alymlary, döwlet tebigy we biosfera goraghanalarynyň (mundan beýläk - ygtyýarlandyrylan edaranyň garamagyndaky edaralar) gorag we ylmy işlerini alyp barýan hünärmenleri tarapyndan amala aşyrylýar.

10. Ygtyýarlandyrylan edaranyň garamagyndaky edaralar ygtyýarlandyrylan edara bilen ylalaşyp, her ýyl üçin gözegçilik etmegiň we barlag geçirmegiň iş meýilnamasyny işläp düzýärler. Iş meýilnamasynda gözegçilik edilmäge we barlag geçirilmäge degişli aw meýdanynyň çägi, aw möwsümi, haýwanlar we guşlar barada anyk çäreler kesgitlenýär.

11. Aw baýlyklaryna we aw obýektlerine gözegçilik etmek we barlag geçirmek maksady bilen ygtyýarlandyrylan edaranyň garamagyndaky edaralaryň gorag we ylmy işlerini alyp barýan hünärmenleri haýwanlaryň we guşlaryň, göçýän guşlaryň bolýan ýerlerine gidip, yzygiderli gözegçiligiň dowamynda haýwanlaryň we guşlaryň fiziki ýagdaýyna, jyns we ýaş aýratynlygyna, şeýle hem haýwanlaryň ol ýa-da beýleki görnüşleriniň köpelmeginiň ýagdaýyna, ýaşaýyş gurşawynyň meýdanyna we hiline gözegçilik edýärler we alnan maglumatlary jemläp, ygtyýarlandyrylan edara hasabat berýärler.

12. Aw baýlyklaryna we aw obýektlerine gözegçilik etmek we barlag geçirmek öz ygtyýarlyklarynyň çäginde Awçylar jemgyýeti tarapyndan alnyp barlanda haýwanlaryň we guşlaryň jyns we ýaş aýratynlygyna gözegçilik etmek we barlag geçirmek göz öňünde tutulmaýar.

13. Awçylar jemgyýeti aw baýlyklaryna we aw obýektlerine gözegçilik etmek we barlag geçirmek boýunça işleriň netijesi boýunça Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2019-njy ýylyň 3-nji iýunynda 1231 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň 2019-njy ýylyň 14-nji maýynda çykaran 56 belgili buýrugy bilen tassyklanan, Respondentler tarapyndan ilkinji statistik maglumatlary bermegiň Tertibine laýyklykda, aw hojalyklary barada hasabaty taýýarlaýar we ygtyýarlandyrylan edara tabşyrýar. Hasabatda bir ýylyň dowamynda ýabany haýwanlary we guşlary goramak, köpeltmek, olary gorap saklamak boýunça biotehniki çäreleri geçirmek, ýabany haýwanlaryň hasabyny geçirmek, ýabany haýwanlary we guşlary göçürmek boýunça aw meýdanlarynda barlag geçirmek, aw meýdanlarynyň umumy meýdanyny anyklamak, şol sanda ýabany haýwanlaryň sany hasaba alnan ýerleriniň meýdanyny anyklamak, aw ýerleri we aw möwsümi boýunça ýabany haýwanlaryň sanyny, görnüşini anyklamak, şeýle hem hasabat döwründe aw awlamagyň düzgünlerini bozan şahslar, salnan we tölenilen jerimeler we bildirilen talaplar barada maglumatlar jemlenýär.

14. Şu Tertibiň on üçünji bölegine laýyklykda Awçylar jemgyýeti tarapyndan berlen hasabat ygtyýarlandyrylan edaranyň Ösümik we haýwanat dünýäsi müdirligi tarapyndan öwrenilip, ygtyýarlandyrylan edaranyň garamagyndaky edaralaryň berýän hasabatlary bilen deňeşdirilip we

umumylaşdyrylyp Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetine berilýär.

15. Aw baýlyklarynyň we aw obýektleriniň jyns we ýaş aýratynlygyna, şeýle hem Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen haýwanlara we guşlara gözegçilik etmek we barlag geçirmek aýratyn goralýan tebigy ýerlerde amala aşyrylýar.

## IV bap. Aw baýlyklarynyň ýagdaýynyň we aw obýektleriniň ýaşaýyş gurşawlarynyň üýtgemelerini öz wagtynda ýüze çykarmak, olara baha bermek, şeýle hem ýaramaz hadysalaryň we olaryň zyýanly netijeleriniň öňüni almak hem-de aradan aýyrmak boýunça çäreler

16. Aw baýlyklarynyň ýagdaýynyň we aw obýektleriniň ýaşaýyş gurşawlarynyň üýtgemelerini öz wagtynda ýüze çykarmak, olara baha bermek, şeýle hem ýaramaz hadysalaryň we olaryň zyýanly netijeleriniň öňüni almak hem-de aradan aýyrmak boýunça çäreler ygtyýarlandyrylan edara, aw meýdanlaryndan peýdalanyjylar, aw hojalyklaryny ýöredijiler, Awçylar jemgyýeti, şeýle hem hojalyk we beýleki işleri amala aşyrýan ýuridik we fiziki şahslar tarapyndan amala aşyrylýar.

17. Aw baýlyklarynyň ýagdaýynyň üýtgemelerine aw baýlyklarynyň sanynyň azalmagy, köpelmegi, aşa köpelmegi, ýitip gitmek howpunyň abanmagy, aw obýektleriniň ýaşaýyş gurşawlarynyň üýtgemelerine haýwanlaryň köpçülikleýin, hemişelik ýaşaýan, göçüp-gonýan ýerleriň oba hojalyk maksatlary üçin alynmagy, tokaýlaryň çapylmagy, ýerleriň şorlaşmagy, derýalaryň, kölleriň, suw howdanlarynyň, ýaplaryň guramagy, ýerleriň önümçilik, hojalyk we howply galyndylary bilen hapalanmagy, suwuň azalmagy, tokaýlaryň, agaçlaryň, ösümlikleriň köpçülikleýin ýanyp ýok bolmagy degişlidir.

18. Ygtyýarlandyrylan edara tarapyndan aw baýlyklarynyň ýagdaýynyň we aw obýektleriniň ýaşaýyş gurşawlarynyň üýtgemelerini öz wagtynda ýüze çykarmak maksady bilen, her ýylyň dowamynda gözegçilik işleri alnyp barylýar. Gözegçilik işleri ygtyýarlandyrylan edaranyň döwlet gözegçileri tarapyndan amala aşyrylýar.

19. Döwlet gözegçileri özlerine degişli çäkdäki aw baýlyklarynyň ýagdaýyny, tebigy erkin ýagdaýynda ýaşaýan ýabany haýwanlaryň ýaşaýyş gurşawyny hemişe gözegçilikde saklamalydyrlar we olarda bolup geçýän üýtgemeleriň, ýaramaz hadysalaryň we olaryň zyýanly netijeleriniň hasabatyny ýöretmelidir.

20. Döwlet gözegçileri tarapyndan aw baýlyklarynyň ýagdaýynda we aw obýektleriniň ýaşaýyş gurşawlarynda üýtgemeleriň ýüze çykarylandygy baradaky hasabaty (üýtgemeleri, ýaramaz hadysalary we olaryň zyýanly netijelerini doly beýan etmek bilen) gaýragoýmazdan ygtyýarlandyrylan edara berilmelidir. Şeýle ýagdaýda ygtyýarlandyrylan edara aw baýlyklarynyň ýagdaýynyň we aw obýektleriniň ýaşaýyş gurşawlarynyň üýtgemelerine,

ýaramaz hadysalara we olaryň zyýanly netijelerine baha bermäge we olaryň öňüni almak barada gaýragoýulmasyz çäreleri geçirýär.

21. Ygtyýarlandyrylan edara aw baýlyklarynyň ýagdaýynyň we aw obýektleriniň ýaşaýyş gurşawlarynyň üýtgemeleriniň, ýaramaz hadysalaryň we olaryň zyýanly netijeleriniň öňüni almak üçin her ýylyň mart aýynda zyýanly mör-möjekleriň we çekirtgeleriň tebigy ojaklarynda ýaýran ýerlerini ýüze çykarmak we toplumlaýyn öňüni alyş çärelerini utgaşdyryp alyp barmak hakynda, ýangyn howply möwsümine taýýarlyk görmek hakynda, şeýle hem ýangynyň döremegine has howply ýerlerde, tokaýlarda, daglarda, dag eteklerinde, sähralarda we öri meýdanlarynda sürüm zolaklaryny geçirmek, meýdanlary haşal otlardan arassalamak işlerini geçirmek we gözegçilikde saklamak hakynda buýruk çykarýar.

22. Şu Tertibiň ýigrimi birinji böleginde görkezilen çäreleri üpjün etmek maksady bilen ygtyýarlandyrylan edaranyň merkezi edarasynyň we welaýat müdirlikleriniň ýolbaşçysynyň buýrugy bilen topar döredilýär we topar agzalarynyň zyýanly mör-möjekleriň we çekirtgeleriň ýaýramagynyň öňüni almak, ýangyn howpsuzlugyny üpjün etmek boýunça döwlet gözegçiligini amala aşyrmak boýunça wezipeleri kesgitlenilýär.

23. Ygtyýarlandyrylan edaranyň Çöller, ösümlik we haýwanat dünýäsi milli instituty gözegçilik geçirilýän ýerlerde ýüze çykarylan zyýanly mör-möjekleriň, çekirtgeleriň görnüşlerini kesgitleýär, zyýankeşlere ylmy taýdan esaslandyrylan, ykdysady, ekologiýa taýdan amatly garşy göreş çäreleri işläp taýýarlaýar we şol ýerleri kartalaşdyrýar.

24. Aw baýlyklarynyň ýagdaýynyň we aw obýektleriniň ýaşaýyş gurşawlarynyň üýtgemelerini öz wagtynda ýüze çykarmak, olara baha bermek, şeýle hem ýaramaz hadysalaryň we olaryň zyýanly netijeleriniň öňüni almak hem-de aradan aýyrmak boýunça çäreleri üpjün etmegiň çäklerinde, esasan hem tokaýlarda aw obýektleriniň ýaşaýyş gurşawlarynda ýangyn howpunyň öňüni almak maksady bilen, ygtyýarlandyrylan edaranyň ýolbaşçysy tarapyndan «Ýangyn howpsuzlygy hakynd» Türkmenistanyň Kanunyna, şeýle hem Türkmenistanyň Prezidentiniň Türkmenistanyň Adatdan daşary ýagdaýlar baradaky döwlet toparynyň her ýyl üçin iş meýilnamasyny tassyklamak hakyndaky kararyna laýyklykda ýangyn howply möwsümine taýýarlyk görmek boýunça buýruk kabul edilýär we aw meýdanlarynda ýangynyň döremeginiň öňüni almak hem-de ýangyna ýol bermezlik boýunça çäreleriň meýilnamasy tassyklanýar. Soňra şeýle meýilnama ygtyýarlandyrylan edaranyň Tokaý hojalyk müdirlikleri, welaýatlardaky daşky gurşawy goramak müdirlikleri, Tebigy döwlet goraghanalary we Tokaý zolaklara gözegçilik gullugy tarapyndan hem işlenilip taýýarlanylýar we degişli çäkdäki ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary bilen ylalaşylyp tassyklanylýar.

25. Ýangynyň döremegine has howply meýdanlarda ýangyna garşy sürüm zolaklary geçirilýär we sürüm zolaklaryny geçirip bolmaýan ýerlerde otlar doly guramanka 60 metr inlilikde otdan arassalamak işleri yzygiderli geçirilýär.

26. Ýangyn howply möwsümiň dowamynda aragatnaşyk serişdeleriniň taýynlygy, olaryň bökdençsiz işlemegi, ýangyn howply hadysalar ýüze çykan mahalynda gaýragoýmazdan degişli gulluklara habar bermek üpjün edilýär.

## V bap. Jemleýji düzgünler

27. Şu Tertibiň kadalarynyň berjaý edilişine ygtyýarlandyrylan edara gözegçilik edýär.

28. Tertipde bellenen kadalaryň bozulmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen jogapkärçilige eltýär.

29. Şu Tertibiň kadalarynyň berjaý edilmegi bilen bagly ýüze çykýan jedeller Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde çözülýär.

30. Şu Tertip bilen düzgünleşdirilmedik gatnaşyklar Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2025-nji ýylyň 20-nji martynda 1868 bellige
alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.